# «Şu gün şeýle ahwalym…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Şu gün şeýle ahwalym…" “ŞU GÜN ŞEÝLE AHWALYM…”




Hiç zadyň gyzygy ýok,
Hezili ýok hiç zadyň.
Ýazmakda-da gyzyk ýok,
Gezmekde-de gyzyk ýok.
Okalmadyk kitaplar dur tekjede nobata,
Edilýän gürrüňlerem çalym edýär gybata.
Dagdamy ýa düzdemi,
Gyşdamy ýa güýzdemi,
Birçak ýazylan goşgy
Gönendirmeýär indi
Kalbyňda dörän yşgy.
Oturasyň gelmeýär,
Açyp kitap gatyny.
Eliň diýen etmeýär
Ýazmak salam hatyny.

Aý, garaz, elli bizar
Gören-eşideniňden.
Şu gün-ä şeýle halym,

Ertir başgaça bolar,
Belki, etjek hyýalym…

05.11.2023 ý.

Surat: Salwador Dali / «Uky» («Le Sommeil»). Goşgular